Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— Oba adamlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, olary zerur bolan ähli hyzmatlar bilen üpjün etmek biziň esasy wezipelerimiziň biri bolup durýar.

# BEREKETLI TOPRAK

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi

Gazet 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri çykýar. | Hepdelik gazet | №9 (583) | 2019-njy ýylyň 4-nji marty. Duşenbe

## Duşenbeden duşenbä

### Ylym-bilim ulgamyndaky duşuşyk

25-nji fewralda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda Buharestiň ykdysady bilimler uniwersitetiniň rektory Nikolae Istudor we şol institutyň prorektory Konstantin Marius Profiroiu bilen duşuşyk geçirildi. Onuň dowamynda ylym-bilim ulgamyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.



### Hyzmatdaşlyk ösdürilýär



26-njy fewralda Ýewropa Bileleşiginiň Baş edarasynyň ýerleşýän ýeri bolan Belgiýanyň paýtagtynda Ýewropa Bileleşigi — Türkmenistan Bilelikdäki Komitetiniň 18-nji duşuşygy geçirildi. Ýewropa Bileleşiginiň sebitleýin hyzmatdaşlygy boýunça düzümleriniň hem-de ýurdumyzyň pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleriniň şu gezekki duşuşygynyň gün tertibine söwda gatnaşyklaryny ösdürmek, Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa boýunça işlenilip taýýarlanylýan täze strategiýasy babatda garalan Türkmenistanyň ykdysady syýasaty ulgamynda özgertmeleri mundan beýläk-de ilerletmek baradaky meseleler girizildi.

### Hazaryň biodürlüligini goramak

26-njy fewralda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Hazar deňziniň biologik serişdeleriniň bikanun awlanylmagyna (brakonýerçilige) garşy göreşmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Teswirnamanyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak boýunça Hazarýaka döwletleriniň ygtyýarly wekilleriniň 4-nji mejlisi geçirildi.



### «Ahal» pleý-offda

27-nji fewralda Köpugurly «Aşgabat» sport toplumynda AFK-nyň Kubogy ugrundaky halkara ýaryşyň saýlama tapgyrynyň jogap duşuşygy geçirildi. Onda «Türkmennebitönümleri» baş müdirliginiň «Ahal» futbol topary Gyrgyzystan Respublikasynyň «Alaý» toparyny kabul etdi. Bu duşuşykdan bir hepde ozal Oş şäherinde geçirilen duşuşykda biziň ildeşlerimiz «Alaýy» 2:1 hasabynda ýeňipdi. Aşgabatdaky jogap duşuşygy hem türkmen futbolçylarynyň ýeňşi bilen tamamlandy. Röwşen Meredowyň şägirtleri gyrgyz toparyny 1:0 hasaby bilen ýeňip, saýlama tapgyryň indiki ädimine — pleý-offa geçdiler.



# BAG EKMEK – HALKYMYZYŇ ASYLLY DÄBI

1-nji martda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň barşynda döwlet durmuşynyň möhüm meseleleriniň birnäçesine garaldy, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny mundan beýläk-de yzygiderli ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň taslamalary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Göni wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew welaýatlarda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Häzirki wagtda güýzlük bugdaýa ideg etmek, agrotehniki kadalara laýyklykda ösüş suwuny tutmak, ekinleri mineral dökünler bilen iýmitlendirmek hem-de haşal otlara we zyýankeşlere garşy göreşmek işleri alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, ýazky gowaça ekişine taýýarlyk görmek, şol sanda ýerleri tekizlemek, geriş çekmek, ýuwuş we tagt suwlaryny tutmak işleri dowam etdirilýär.

Ýurt Baştutanymyzyň garamagyna «Ýurdumyzda bag ekmek boýunça ählihalk ýowaryny geçirmek hakyndaky» Kararyň taslamasy hödürlenildi. Şunuň bilen baglylykda, 2019-njy ýylda Ahal welaýatynyň Bäherden we Ak bugdaý etraplarynyň aralygynda 1 million 500 müň düýp bag nahallarynyň, ýurdumyzyň welaýatlarynyň çäginde hem şonça mukdardaky ýaprakly, pürli, miweli baglaryň hem-de üzüm nahallarynyň ekiljekdigi bellenildi.



Bu işleri guramak ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, paýtagtymyzyň we welaýatlaryň häkimlikleriniň üstüne ýüklenildi. Tutuş ýurdumyz boýunça jemi ekilmegi bellenilen bag nahallarynyň 600 müň düýbi miweli agaçlar we üzüm bolar, şeýle hem tut agajynyň 300 müň düýbüni ekmek meýilleşdirilýär.

Döwlet Baştutanymyz 21-nji martda bag ekmek boýunça ählihalk ýowaryny geçirmek hakyndaky Karara gol çekip we ony elektron resminama dolanyşygy arkaly wise-premýere ugradyp, bu möhüm çärä taýýarlyk görmek hem-de «Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasyny» mundan beýläk-de durmuşa geçirmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Milli Liderimiz ýowarlaryň halkymyzyň asylly däbine öwrülendigini, köpçülikleýin bag ekmek çäresiniň diňe bir ýurdumyzyň keşbini özgertmek bilen çäklenmän, eýsem, türkmenistanlylaryň durmuşy üçin oňaýly daşky gurşawy, şäherlerde hem-de obalarda amatly howa ýagdaýyny döretmelidigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2019—2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde durnukly ösüş üçin şertleri döretmek maksady bilen ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny sanly ulgama geçirmek, olara öňdebaryjy maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça işleri işjeňleşdirmegiň zerurdygyny nygtap, degişli ýolbaşçylardan bu wezipeleriň çözülmegini berk gözegçilikde saklamagy talap etdi.

Sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy hem-de olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

**«Bereketli toprak».**

# EKOLOGIÝA DIPLOMATIÝASY

Ekologiýa we daşky gurşawy goramak meseleleri babatda Türkmenistanyň ýöredýän syýasaty, milli Liderimiziň öňe sürýän başlangyçlary uly ähmiýete eýe bolup, dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýär. Munuň özi ýurdumyzyň bu babatdaky syýasatynyň oňyn häsiýete eýedigi hem-de dünýäniň ähli halklarynyň bähbitlerine laýyk gelýändigi bilen şertlendirilendir. Türkmenistan bu derwaýys ugurlarda, ýagny howanyň üýtgemegi zerarly ýetirilýän zyýanlara garşy göreşmekde, bütin dünýäde ekologiýa abadançylygyny üpjün etmekde, suw-energetika serişdelerini aýawly peýdalanmakda we azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmakda, Aralýaka sebitiniň ekologiýa meselelerini toplumlaýyn çemeleşmek arkaly çözmekde, Hazar deňziniň ekologiýa abadançylygyny gorap saklamakda halkara guramalary we dünýä ýurtlary bilen netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär.

Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji maslahatyna gatnaşmagy ýurdumyzyň dünýä bileleşigi bilen köpugurly strategik hyzmatdaşdygyny nobatdaky gezek aýdyň görkezdi.

Bitarap Türkmenistan BMG-niň esasy konwensiýalaryna we resminamalaryna goşulmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny doly berjaý edýär. Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň nobatdaky maslahatynda çykyş etmek bilen, gün tertibine girizilen meseleler boýunça ýurdumyzyň garaýyşlaryny beýan etdi.

Şonda hormatly Prezidentimiz: «Aral deňzini halas etmek meselesi sebitiň ýurtlarynyň halkara bileleşigi bilen hyzmatdaşlygynda örän möhüm mesele bolup durýar. Araly halas etmek meselesine eýýäm köp wagtdan bäri diňe içerki sebit meselesi hökmünde garalyp bilinmez. Häzirki wagtda bu meseläniň üstünlikli çözülmegi üçin dünýä bileleşiginiň goldawy, täze maksada gönükdirilen toplumlaýyn halkara çemeleşilmesi, bu işe Birleşen Milletler Guramasynyň işjeň we ulgamlaýyn gatnaşmagy talap edilýär» diýip, nygtap geçdi. Şunuň bilen baglylykda, 73-nji maslahatyň çäklerinde «Ählumumy bähbitler ugrunda suwdan peýdalanmak: ýapyk deňizler babatda Durnukly ösüş maksatlaryna esaslanyp, halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi» diýen iş maslahaty geçirilip, ol Araly halas etmegiň meselelerine bagyşlandy.

Döwlet Baştutanymyzyň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017 — 2023-nji ýyllar üçin tassyklan Konsepsiýasynyň «Howanyň üýtgemegine garşy göreş we daşky gurşawy goramak» diýlip atlandyrylan bölüminde ekologiýa howpsuzlygy, suw meseleleri, çölleşmä garşy göreşmek, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak baradaky meseleler ýurdumyzyň daşary syýasatynyň düýp mazmunynda öz aýdyň beýanyny tapýar.

Geçen ýylyň 12-nji awgustynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen Hazarýaka ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň V sammitinde Hazar deňziniň hukuk derejesini kesgitlemek, onuň ekologiýa abadançylygyny hem-de biosferasyny goramak ýaly wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu babatda hormatly Prezidentimiz birnäçe netijeli başlangyçlary öňe sürdi. Olaryň hatarynda 2019-njy ýylda paýtagtymyzda I Hazar ykdysady forumyny geçirmek, Daşary işler ministrliginiň derejesinde bästaraplaýyn yzygiderli geňeşmeleri geçirmek ýaly teklipleri bellemek bolar. Duşuşygyň jemleri boýunça Hazarýaka ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda «Hazar deňziniň hukuk derejesi hakyndaky» Konwensiýa gol çekildi. Munuň özi Hazar deňzinde dürli ugurlar boýunça özara gatnaşyklaryň hukuk kadalaryny berkiden taryhy ähmiýetli binýatlyk resminama bolup durýar.

Şeýle hem, geçen ýylyň 12-nji aprelinde hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky» Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi daşky gurşawy goramak boýunça ýurdumyzyň alyp barýan syýasatyna ýokary baha berlendiginiň nobatdaky aýdyň subutnamasy boldy.

Aral XXI asyryň iri ekologiýa meselesi hökmünde aýratyn bir sebitiň çäginden çykyp, ählumumy meselä öwrüldi. Bu meseleleriň çözülmegi köp babatda ekologiýanyň oňaýsyz täsirlerini başdan geçirýän döwletleriň ylalaşykly hereketlerine baglydyr.

Türkmenistanyň 2017 — 2019-njy ýyllarda AHHG-da başlyklyk etmeginiň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlary bilen bilelikdäki işi Aral deňzi sebitindäki ýurtlara kömek bermek boýunça Hereketleriň täze maksatnamasyny taýýarlamaga, Merkezi Aziýany durnukly ösdürmek üçin daşky gurşawy goramak boýunça hereketleriň Sebitleýin maksatnamasyny kämilleşdirmäge, Merkezi Aziýada durnukly ösüşi gazanmak üçin daşky gurşawy goramak hakyndaky Çarçuwaly konwensiýany tassyklamak we güýje girizmek işini çaltlandyrmaga, ilatyň oňat hilli agyz suwuna we sanitariýa elýeterliligini, sagaldyş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň 2017-nji ýylyň iýun aýynda Aşgabatda BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterreş bilen geçiren duşuşygynda hem bu mesele gozgaldy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň BMG-niň Aral üçin Ýörite maksatnamasyny taýýarlamak babatdaky başlangyjyny bellemelidiris. Onda sebitde ekologiýa ýagdaýyny durnuklaşdyrmak we gowulandyrmak boýunça anyk meýilnamalar beýan edilýär.

Tebigatdan bilelikde jogapkärçilikli peýdalanmak häzirki döwürde ýurtlaryň we halklaryň durnukly ösüşiniň ýeke-täk ýoludyr. Hormatly Prezidentimiz dünýä bileleşigini hut şuňa çagyrýar. Milli Liderimiziň Aşgabatda BMG-niň durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça edarasyny döretmek baradaky başlangyjy aýratyn bellärliklidir. Ekologiýa ulgamynda bilelikde işlemek bu düzümiň işiniň möhüm bölegi bolup durýar.

Bularyň ählisi Türkmenistanyň diňe bir öz çäginde däl, eýsem, sebitde we bütin dünýäde ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, daşky gurşawy goramak meselesiniň örän derwaýyslygyndan ugur alýandygyny, bu meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygyna aýratyn orun berýändigini alamatlandyrýar.

**Daýanç ANNADURDYÝEW,**
Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.



## Saýaly, pürli nahallar oturdyldy

Gahryman hem mähriban Prezidentimiz etrap merkezleriniň, obalaryň degre-daşyny bagy-bossanlyga öwürmek babatda bimöçber aladalary edýär. Türkmen halkynda «Bag ekeniň ýaşy bakydyr» diýen aýtgy hem bar. Şu jähtden ugur alnyp, giň meýdany tutýan baýyrlaryň ýüzünde tebigatyň özüne mahsus bag nahallary oturdylýar we maksadalaýyk ideg edilýär. Şeýle bolansoň, tebigatyň keşbi düýpgöter özgerýär.

Golaýda Tagtabazar etrabynyň häkimligi tarapyndan bag nahallaryny ekmek bilen bagly ýowar geçirildi. Oňa etrap bilim bölüminiň işgärleri, edara-kärhanalaryň, daýhan birleşikleriň, medeniýet, saglyk ulgamynyň işgärleri uly höwes bilen gatnaşdylar. «Ýekegowak» taryhy ýadygärliginiň daş-töweregine müňlerçe saýaly, pürli nahallar ekildi. Döwlet Baştutanymyzyň her bir tabşyryklary biz — jemgyýetçilik guramalary üçin ýol-ýörelgedir. Geljekde-de ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmekde özümiziň mynasyp goşandymyzy goşarys.

**Ýazdurdy ABDYRAHMANOW,**
TKA-nyň Tagtabazar etrap birleşmesiniň başlygy.

## TEHNIKALAR ÝAZ EKIŞINE TAÝÝAR



Ekerançylyk işiniň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, biziň kärhanamyza hem uly jogapkärçilik degişli. 2018-nji ýyly üstünlikli jemlän kärhanamyzyň işçi-hünärmenleri «Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» ýylynyň möwsümleýin oba hojalyk işlerine taýýarlygy ýaýbaňlandyrdylar.

Etrabymyz boýunça 11500 gektar meýdanda gowaça ösdürilip ýetişdirilýär. Ýazky möwsümleýin işiň başy hasaplanylýan gowaça ekiş möwsümini doly taýýarlyk ýagdaýynda garşylamak üçin ähli zerur çäreler görüldi. Kärhanamyza degişli dürli kysymly traktorlaryň 46-sy, hatarara bejergi geçirýän traktorlaryň 18-si, däne ýygýan kombaýnlaryň 36-sy, pagta ýygýan maşynlaryň 21-si, azallaryň 45-si, ýer tekizleýjileriň 12-si, diskaly boronalaryň 5-si, däne ekijileriň 18-si, çizelleriň 18-si bolup, olaryň hemmesi diýen ýaly doly abatlanylyp, taýýarlyk hataryna çykaryldy.

Kärhanamyzda ussahanalaryň ençemesi bolup, olaryň hemmesinde hem ussalar tehnikalaryň we oba hojalyk gurallarynyň abatlaýyş işlerini öz wagtynda, ýokary hilli tamamlamak üçin gaýratly zähmet çekdiler. Aýratyn hem tehnikalaryň doly abatlanmagynda kebşirleýji Öre Ataýewiň, bejeriji ussa Sapar Arazowyň, demir ýonujylar Halbaý Kerimowyň, Hemra Haýydowyň hyzmatlary ýörite bellärliklidir.

Kärhanamyzda işleriň depgini gowşamaýar. Oba hojalyk tehnikalarynyň, gurallarynyň saz işlemegi, gowaça ekişi möwsüminde bökdençlikleriň bolmazlygy üçin ätiýaçlyk çäreleri hem görülýär.

**Nurmyrat GOÇAKOW,**
Gubadag etrabynyň tehniki hyzmat ediş kärhanasynyň KA-nyň ilkinji guramasynyň başlygy.

## BIRLEŞEN TAGALLANYŇ NETIJESI

Murgap jülgesiniň ekerançylyk meýdanlarynyň meliorativ ýagdaýlaryny gowulandyrmakdan ybarat bolan «Marysuwhojalyk» önümçilik birleşiginiň düzümindäki kärhanalaryň birleşen tagallalary bilen geçen ýylyň önümçilik görkezijileri uly üstünlikler bilen jemlenildi. Netijede, geçen ýylyň jemi boýunça hojalygara we içki şor suw akabalarynyň 752, hojalygara we içki suw akabalarynyň bolsa, 5382 kilometr uzynlyklarynda gazuw hem-de gyrmançalardan arassalamak işleri göwnejaý amala aşyryldy.

Işleriň ilerlemegine beýleki ugurdaş kärhanalar bilen bir hatarda, «Murgap — Altyn asyr — Türkmenkölgurluşyk» hem-de «Murgapbaşsaka» önümçilik dolanyşyklarynyň öz işine ussat, işeňňir zähmetkeşleri hem has-da saldamly goşant goşdular.

Üstünlikden ruhlanan zähmetsöýer suwçular «Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» ýylynda bu görkezijileri has hem ýokarlandyrmagy maksat edinýärler.

**Allaberdi SAPARGELDIÝEW,**
öz habarçymyz.





## TÄZE TASLAMALAR — HALKYMYZYŇ ÝAŞAÝYŞ DEREJESINIŇ ÝOKARLANMAGYNA BADALGA

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly başlangyjy bilen daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini artdyrmak, gaýtadan işleýän önümçilikleri ösdürmek hem-de milli ykdysadyýetimiz üçin täze senagat ugurlaryny döretmek boýunça giň möçberli işleriň amala aşyrylýandygyna Diýarymyzyň ähli sebitlerinde gurlup, ulanylmaga berilýän desgalaryň mysalynda göz ýetirip gelýäris.**

Ynha, geçen hepdäniň çarşenbe güni hem gadymy Ahal topragynyň Gökdepe etrabynyň çäginde ykdysadyýetiň hususy eýeçiligine degişli bolan agrosenagat toplumynyň hem-de demir-beton önümlerini öndürýän kärhananyň düýbüni tutmak dabarasy boldy.

Gurluşygyna badalga berlen, 220 gektar meýdany tutýan agrosenagat toplumy «Sowuk göz» hojalyk jemgyýeti tarapyndan bina ediler. Geljekde bu ýerde içerki we daşarky bazarlara ugratmaga niýetlenen oba hojalyk önümleriniň önümçiligi hem-de şolary gaýtadan işlemek, şeýle hem et we balyk önümlerini, dünýä belli türkmen çakyrlarynyň dürli görnüşlerini we beýlekileri öndürmek hem-de ýerlemek göz öňünde tutulýar.

Et önümleri kärhanasy toplumyň esasy desgalarynyň biri bolup, her ýylda gara mallaryň we dowarlaryň etiniň 360 müň tonnasynyň önümçiligine niýetlenendir. Bu ýerde ýokary hilli et önümleri öndüriler. Bu bolsa dünýäniň degişli ulgamlarynda uly islegden peýdalanýan önümleriň eksport ugruny ýola goýmaga mümkinçilik berer.

Balyk köpeltmäge we gaýtadan işlemäge niýetlenen ýapyk görnüşdäki balyk kärhanasynyň taslama kuwwaty ýylda dürli görnüşli balyk we balyk önümleriniň 240 tonnasyny öndürmäge mümkinçilik berer. Onuň düzüminde balyklary ösdürmegiň ähli ugurlaryny üpjün etmäge niýetlenen doly enjamlaşdyrylan bölüm, olary arassalaýan ulgam bolup, ýarym taýýar önümler bu ýerden gaýtadan işlemäge we kakadylýan bölüme ugradylar.

Şeýle hem bu ýerde häzirki zaman enjamlary we sowadyjy kameralar bilen üpjün edilen ammarlar ýerleşer. Agrosenagat toplumynyň çäginde gurulýan şeýle desga birbada 38 müň tonna önüm saklamaga niýetlenendir.

Toplumyň çäginde umumy meýdany 170 gektara barabar bolan 4 sany döwrebap ýyladyşhanalar halkyň ösen islegini kanagatlandyrmaga niýetlenendir. Ýörite enjamlar ýyladyşhanalarda degişli howa ýagdaýyny, ýagtylygy, çyglylygy, topragyň ýokumly serişdeler bilen baýlaşdyrylmagyny üpjün eder. Munuň özi ýylyň ähli döwründe bol hasyl öndürmäge, gök önümleriň bolçulygyny üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Toplumyň çäginde weterinariýa, lukmançylyk gulluklarynyň hünärmenleriniň, şeýle hem barlaghana merkeziniň we bank şahamçasynyň işi üçin ýörite desgany bina etmek meýilleşdirilýär. Bu ýerde söwda merkezi, şeýle hem ulaglaryň 500-sine niýetlenen duralga gurlar.

* * *

Şol gün etrabyň çäginde ýylda 300-den 1200 millimetre çenli diametri bolan 500 müň metr beton turbalaryny we demir-beton önümlerini öndürmäge niýetlenen kärhananyň gurluşygyna-da badalga berildi. Bu ýerde kärhananyň ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen üpjün edilmegi ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýanyň esasynda ähli talaplara we görkezijilere doly laýyk gelýän önümleri öndürmäge mümkinçilik berer.

Gökdepe etrabynyň çäginde ýaýbaňlandyrylan şanly wakalar hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady syýasatyň oýlanyşykly we netijeli häsiýete eýedigini äşgär etdi. Häzirki döwürde hususy pudak milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagynda möhüm orny eýeläp, ol birnäçe pudaklaryň hil taýdan täze derejä çykmagyna goşandyny goşýar.

* * *

«Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» ýylynyň her bir güni goşa toýa, goşa şatlyga beslenýär. Ynha, şeýle-de, şol gün gözel paýtagtymyzyň günorta tarapynda Parahat — 7/3 ýaşaýyş toplumynda birbada üç sany täze ýaşaýyş jaýlarynyň açylyş dabarasy-da boldy.

Şol gün ähli amatlyklary özünde jemleýän belent ýaşaýyş jaýlaryndaky öýleriň 216-synyň açarlary bagtyýar maşgalalara gowşuryldy. Jaýlaryň taslamalaşdyrylyşy, gurnama çözgütleri häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýär. Onuň gurluşygynda, bezeg işlerinde häzirki zaman ýylylyk saklaýjy we beýleki amatly serişdeler peýdalanyldy.

Belent jaýlaryň biri bir, iki, üç we dört otagly 108 öýden ybarat bolsa, beýleki jaýlaryň her birinde üç we dört otagly öýleriň 54-si ýerleşýär. Olaryň amatly ýaşaýyş meýdany, goşmaça kömekçi desgalary bar. Öýleriň aşhanasy, otaglary, eýwany amatlylygyň ýokary talaplaryna doly laýyk gelýär. Häzirki zaman bezegi esasynda enjamlaşdyrylan mebelleriň hemmesi ýerli önümlerdir. Durmuş tehnikalary bolsa daşary ýurtlaryň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlarydyr.

Döwlet Baştutanymyz öňdebaryjy tehnologiýalary, dünýäniň ösen tejribesini ornaşdyrmagy halkymyzyň ýokary ýaşaýyş-durmuş derejesini üpjün etmäge giň möçberli gurluşyk taslamalaryny amala aşyrmakda möhüm ugur hökmünde kesgitledi. Häzirki döwürde Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda senagat, medeni-durmuş, ulag-aragatnaşyk we beýleki maksatly desgalaryň gurulmagy, şäherlerde we obalarda häzirki zaman düzüminiň kemala getirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

**«Bereketli toprak».**



## BAGTYÝAR BIZ, BAGTLY BIZ!

## HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINIŇ DAŞKY GURŞAWA TÄSIRI

**«Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» ýylynyň 26 – 27-nji fewralynda gözel paýtagtymyzyň merkezinde ýerleşýän «Ýyldyz» myhmanhanasynda Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň (GIZ) guramagynda «Howanyň üýtgemegi we Türkmenistanyň öri meýdanlary» atly şygar astynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen okuw maslahaty geçirildi. Biz hem bu okuw maslahatyna gatnaşyp, çäräni guraýjy wekilleriň hem-de myhmanlaryň käbirleri bilen söhbetdeş bolduk. Olaryň pikirlerini okyjylara ýetirmegi makul bildik.**



**Azamat ISAKOW,**
**Gyrgyz Respublikasynyň «CAMP Alatoo» jemgyýetçilik guramasynyň direktory:**

— Türkmenistan döwletine üçünji gezek gelşim. Ilkinji saparym 2009-njy ýylda boldy. Şol döwürde men ilkinji gezek Türkmenistanyň Garagum sährasyndaky öri meýdanlaryny öwrenmek üçin ol ýere syýahat etdim. Şu ýerde bir zady belläsim gelýär. Türkmenistana gelip-gidenime 10 ýyl geçen-de bolsa, ýurduň dünýä belli bu sähralygy diýseň özgeripdir. Garagum sährasynyň demirgazygyndan günbataryna akyp geçýän zeý, akaba suwlarynyň ýygnanýan ýeri bolan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň döredilmegi bilen ýurduň öri meýdanlary uly özgerişe eýe bolupdyr. Çünki suwuň bol ýerinde tebigatyň özgerýändigine ýene bir gezek göz ýetirdik.

Ynha, şu günki okuw maslahatynda hem Gyrgyzystanyň öri meýdanlary we howanyň üýtgäp durmagy bilen olara edýän täsiri barada çykyş etdim. Bu okuw maslahatyna gatnaşmak bilen, türkmen kärdeşlerimiziň çykyşlary arkaly Garagum sährasynyň öri meýdanlarynda howanyň üýtgemegi bilen ýerine ýetirilýän işler barada ýakyndan tanyşdym. Şular ýaly okuw maslahatyna gatnaşmaga döreden mümkinçilikleri üçin Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa köp sagbolsun aýdýarys.



**Maýa AŞYROWA,**
**GIZ-iň sebitleýin maksatnamasynyň utgaşdyryjysy:**

— Žurnalistler üçin «Howanyň üýtgemegi we Türkmenistanyň öri meýdanlary» atly okuw maslahaty Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk jemgyýeti (GIZ) bilen bilelikde guraldy. Türkmenistan bilen Germaniýanyň jemgyýetiniň arasyndaky halkara hyzmatdaşlyk 1995-nji ýylda ýola goýuldy. GIZ-iň sebitleýin maksatnamasynyň çäklerinde guralan maslahatda Gyrgyz Respublikasynyň gidrometeorologiýa baradaky agentliginiň wekilleriniň çykyşlary täsirli boldy. Şeýle okuw maslahatlarynyň yzygiderli geçirilip durulmagy daşary ýurt we türkmen hünärmenleriniň pikir, tejribe alyşmaklarynda iňňän uly ähmiýete eýedir. Bilşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda daşky gurşawy goramak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça uly işler durmuşa ornaşdyrylýar.

Watanymyzy ösüşlere, özgerişlere beslemekde, halkymyzyň hemmetaraplaýyn abadan, eşretli durmuşda ýaşamaklary ugrunda uly aladalary edýän milli Liderimize alkyşlarymyz egsilmezdir.



**Indiga KOÇKAROWA,**
**GIZ-iň jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk we kommunikasiýa meseleleri boýunça baş hünärmeni:**

— Men Aşgabat şäherinde žurnalistler üçin geçirilen okuw maslahatyna gatnaşmak üçin iberilen çakylyga diýseň hoşal boldum. Bu çärede ekologiýa bilermenleri dünýäde, şol sanda Merkezi Aziýada howanyň maýlamagynyň, şeýle hem onuň üýtgemeginiň oba hojalygynyň ösüşine ýetirýän täsirleri barada çykyş etdiler. Žurnalistleriň bu okuw maslahaty diýseň işjeň geçirildi. Çärede ekologiýa we daşky gurşawy goramak ulgamynda işleýän türkmen hünärmenleri bu ýere ýygnananlary bu ugurda iri möçberli taslamalara laýyklykda, ýurduň milli Lideri tarapyndan Türkmenistanda geçirilýän oňyn işler bilen tanyşdyrdylar. Şeýle-de, okuw maslahatynyň barşynda türkmen bilermenleri ýerlerde suw we energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylýandygy, tokaýlary täzeden dikeltmek hem-de howanyň durnuklylygyny saklamak üçin ýerden peýdalanylmagyny gowulandyrmak boýunça uýgunlaşdyryş çäreleriniň amala aşyrylýandygy barada belllediler.

**Çykyşlary taýýarlanlar**
**Täzegül KULJIKOWA,**
**Merjen JUMANIÝAZOWA.**
«Bereketli toprak».

Hünärmeniň maslahaty

# Owlak-guzy möwsüminiň guramaçylykly geçirilişi

Häzirki wagtda dowardarçylykda iň möhüm hojalyk we zootehniki çäre bolan owlak-guzy möwsümine taýýarlyk görmek we ony üstünlikli geçirmek pudagyň esasy talaplarynyň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň şertlerinde goýunlaryň bogazlyk döwri, esasan, gyş aýlaryna gabat gelýär. Çarwaçylykda fewral aýyna «Ýelin aýy» diýilýär. Sagdyn guzy almak üçin şol döwürde ene goýunlary örüde gijelerine hem bakmaly bolýar.

Owlak-guzy almak möwsüminde ene goýunlar örüde bakylýan wagty olaryň ýadamagyna, suwa ýakylanda basa-bas bolmagyna ýol bermeli däl. Olary haýaljak sürüp, öz maýdalyna bakmaly. Umumy sürüden öňe çykan mallary yzyna gaýtarmaly, yza galanlaryny bolsa süriniň yzyndan ýetirmeli, çünki munuň özi goýunlaryň örini basalamagyndan goraýar we gyradeň otlamagyny üpjün edýär. Örüde bakylýan mallaryň arka ýa-da gapdal tarapynda Günüň bolmagyny sazlamaly, şeýle edilmese, Gün şöhleleri goýunlaryň gözüni gamaşdyrýar, netijede olar aýak astyndaky otlary görüp bilmeýärler. Goýunlary irden we agşam şemalyň ugry boýunça günortanlar şemalyň garşysyna sürüp bakmaly. Ýylyň sowuk wagty, güýzüň ahyrky aýlarynda, gyş we ir baharda bogaz goýunlary gijelerine ýataga şemalyň ugry boýunça sürüp getirmeli. Sebäbi olar sowuk şemalyň garşysyna kynlyk bilen ýöreýärler. Goýunlar gün içinde bir, tomusda bolsa iki gezek suwa ýakylmalydyr. Türkmenistanda öri meýdanlar duzlulyk derejesi boýunça her dürli guýy we ýerasty suwlar bilen üpjün edilýär. Goýunlar iç bozulma (garyn we içege) kesellerinden halas bolar ýaly, ilki örüde bakyp, olaryň garnyny doýurmak, soňra suwa ýakmak maslahat berilýär.

Owlak-guzy möwsümi hojalyk we zootehniki babatda örän derwaýys we jogapkärli çäre hasaplanylýar. Bu möhüm möwsüme aýny wagtynda taýýarlyk görülmegi we onuň guramaçylyk taýdan ýokary derejede geçirilmegi goýunlardan sagdyn nesil almaga, alnan ýaş guzulary gorap saklamaga, galyberse-de, ene goýunlaryň baş sanynyň tükel bolmagyna ýardam edýär. Möwsümi üstünlikli geçirmek üçin mal eýeleri tarapyndan maldar hünärmenleriň gatnaşmagynda iş maksatnamasy işlenip düzülýär.

Maksatnamada göz öňünde tutulan ähli çäreleri heniz owlak-guzy möwsümi başlanmanka, öz wagtynda gyşarnyksyz, doly ýerine ýetirmek üçin jogapkär ýolbaşçylar, hünärmenler we mal eýeleri bu babatdaky işleri birkemsiz berjaý etmelidirler.

Owlak-guzy möwsüminde işleriň çendenaşa köp bolýandygy sebäpli her bir çopan toparyna goşmaça iki-üç sany kömekçi adam iberilýär. Türkmenistanda owlak-guzy möwsümi baharyň ilkinji aýy, howanyň salkyn hem-de meýdanda gök ot-çöpleriň örüp, bolelin bolýan döwri geçirilýär.

Bogaz goýunlary örüden alýan otunyň daşyndan goşmaça 0,3 – 0,5 kilogram iým, 0,8 – 1,0 kilograma çenli kerçelen bede bilen üpjün etmek zerurdyr. Bu döwürde goýunlarda mineral maddalaryň ýetmezçiligi ýüze çykyp biler. Şonuň üçin agyllarda daşduz bolmaly. Agralan goýunlary gyraw ýa-da jyza otly meýdanlarda bakmak maslahat berilmeýär. Çünki munuň özi goýunlary sowuklama keseline duçar edýär. Netijede, köplenç halatlarda guzy atmagyna getirýär.

Ene goýunlaryň galapyn gije guzlaýandygyny göz öňünde tutup, çopanlaryň gijeki nobatçylygy guramagy zerurdyr. Guzy doglan wagty onuň göbegi üzülýär. Eger üzülmese ýa-da göbegi uzyn bolsa, ony zyýansyzlandyrylan gaýçy bilen guzynyň teninden 8 – 10 santimetr aralykdan kesmeli. Göbegiň ujuna 5 göterimli ýod erginini çalmaly. Täze bolan guzynyň agzynyň-burnunyň sülekeýini aýyrmaly, dem almakda kynçylyk çekse, burnundan üfläp, dem bermeli. Soňra ony uzaga çekdirmän enesine ýalamaga we ysgamaga bermeli. Çünki ýalanan guzynyň hem-ä daşy çalt guraýar, hem-de gan aýlanyşygy gowlaşýar, galyberse-de, onuň daşyndaky nem (sülekeý) goýnuň eşeniniň çalt gaçmagyna ýardam edýär.

Eger-de guzy «köýnekli», ýagny daşy ýorkaly dogulsa (guzynyň daşyny örtýän ýukajyk barda) ony derrew ýyrtmaly, ýogsa guzynyň demigip heläk bolmagyna getirýär. Goýun guzlandan soň ynjalyk tapmasa, onda ikinji guzynyň dogulmagyna 10 – 15 minut garaşmaly.



Dowardarçylykda, ylaýta-da, garakölçilikde owlak-guzy möwsümi döwründe her sürüde täze doglan guzular baradaky maglumatlar ýörite resminamalarda bellenip, olaryň hasaby ýöredilýär. Owlak-guzy möwsüminiň gidişi baradaky ykrarnamada (aktda) hojalygyň ady, fermanyň we sürüniň belgisi, baş çopanyň familiýasy, sürüdäki mallaryň, şol sanda ene goýunlaryň umumy baş sany, guzlan goýunlaryň baş sany, alnan guzularyň baş sany, olardan urkaçy, erkek doglan guzularyň baş sany, tohumlyk üçin ösdürime goýberlen erkek guzularyň baş sany görkezilýär. Bu resminama gündelik üç nusgada görkezilip, her 5 günden ferma hojalygyna we ýokarky edaralara hasabat berilýär.

**Çary HANAZAROW,**
S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň uly mugallymy, oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty.

# Gaplaňgyr döwlet tebigy goraghanasy

1979-njy ýylda döredilen Gaplaňgyr döwlet tebigy goraghanasy Türkmenistanyň demirgazyk-günbatarynda, Daşoguz welaýatynyň çäginde ýerleşýär. Goraghananyň döredilmeginiň esasy maksady demirgazyk Garagumuň täsin tebigy zolaklaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamakdan, dikeltmekden hem-de geljekki nesiller üçin aýap saklamakdan ybaratdyr. Möhüm çäreleriň biri Üstýurduň dag goçlarynyň, keýikleriň, gulanlaryň, itaýynyň sanyny kadaly saklamakdan we köpeltmekden ybarat bolup durýar. «Gaplaňgyr» diýen adyň özi ozal bu ýerde «gum gaplaňlarynyň» (gepardyň) ýaşap geçendigi bilen baglanyşyklydyr.

Goraghananyň häzirki tutýan meýdany 275 — 735 gektara deň bolup, ol 2 sany Gaplaňgyr we Gulantakyr meýdançalaryndan ybaratdyr. Şeýle-de, goraghananyň düzümine 2 sany — Sarygamyş we Şasenem döwlet tebigy çäkli goraghanalary girýär. Sarygamyş döwlet tebigy çäkli goraghanasy 1981-nji ýylda döredilip, onuň döredilmeginiň maksady — suw guşlaryny, keýikleriň köpelýän ýerlerini gorap saklamakdan ybarat bolup durýar. Şasenem döwlet tebigy çäkli goraghanasy 1983-nji ýylda döredilip, onuň döredilmeginiň maksady — toýnakly haýwanlaryň, şol sanda, gulanlaryň goragyny güýçlendirmekden ybaratdyr.

Goraghananyň ösümlik dünýäsi häzirki wagtda ösümlikleriň 400 sany görnüşini öz içine alýar. Olaryň ýarpysyndan gowragy selmeler, atanak güllüler, çylşyrymly güllüler, däneliler we kösükliler maşgalasyna degişlidir. Ygalyň köp bolan ýyllarynda Gaplaňgyryň üsti köp görnüşli efemerleriň galyň örtügi bilen örtülýär.

Ýokarky Uzboý ugrunyň çägelikleri dürli ösümlikler bilen berkleşendir. Sarygamyş kölüniň ýakalaryndaky ak çägeliklerde bolsa ýylakly garyşyk-sazak tokaýlyklary giň ýaýrandyr.

Goraghananyň meýdanlarynda seýrek duş gelýän ösümliklerden Eýhwaldyň sözeni, hywa şorasy we çägemik ösýär. Bular Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümliklerdir. Bu ösümlikler goraghanada ylmy taýdan öwrenilýär we olary tebigy ýagdaýda ösmäge ýaramly ýerlerine göçürmek we medeni zolakda ösdürip ýetişdirmek boýunça işler geçirilýär.

Baş şor suw akabasynyň Daşoguz goly welaýatymyzyň ekin meýdanlarynyň jümmüşinden toplanan suwy alyp, gadymy Amyderýanyň toýunsow çökündileriniň endigan düzlügini syryp, Zeňňibaba çöketligine baryp ýetýär. Zeňňibaba şorlugyndan günbatar takyrlygyň we öwrülip geçip depe çägelikleriniň arasyndan Uzynşor çöketligine guýulýar. Şu ýerde akabanyň Uzynşor çöketligine guýýan ýeriniň 8 kilometr we çöketligiň 6 kilometr ýeri Şasenem döwlet tebigy çäkli goraghanasynyň meýdanlaryndan geçýär.

«Altyn asyr» Türkmen kölüniň daşky gurşawa edýän amatly täsiri netijesinde tomsuna kölüň töwereginde howanyň gyzgynlyk derejesi biraz peselýär, gyşyna bolsa ýokary galýar, bu bolsa tomusky jöwzaly yssynyň we gyşyň aňzakly sowugynyň ýaramaz täsirini peseldýär. 2001-nji ýyla çenli goraghanada we oňa ýanaşyk meýdanlarda ösümlikleriň 360 görnüşi hasaba alnan bolsa, akabanyň geçmegi bilen sanlyja ýylyň içinde bu sebitiň ösümlik görnüşiniň sany 400-e ýetip, şolaryň 380 görnüşi «Altyn asyr» Türkmen kölüniň Daşoguz şor suw akabasynyň ugrunda ösýär. Akabanyň ugrundaky suw aýtymlary ýaz we güýz pasyllarynda ýurdumyzyň çäginden uçup geçýän guşlaryň düşlemegi we dynç almagy üçin, onuň töwereginde emele gelen gamyş, ýylgyn we sazak tokaýlyklary bolsa guşlaryň käbir görnüşleriniň höwürtgelemegi we köpelmegi, şeýle hem ýabany haýwanlaryň birnäçe görnüşi üçin gyşyň aňzakly sowugyndan, tomsuň jöwzaly yssysyndan pena, gaçybatalga bolup hyzmat edýär. Netijede, ozalky suwsuz tebsiräp, çaňap ýatan çägeli çölde suwuň baran ýeri gülzarlyga öwrülýär.

Bu goraghananyň haýwanat dünýäsi özboluşlydyr we seýrek hem-de gymmatly görnüşlere baýdyr. Bu ýerde oňurgaly haýwanlaryň 297 görnüşi we oňurgasyz haýwanlaryň 1188 görnüşi duşýar. Oňurgaly haýwanlaryň 18 görnüşi balyklara, 21 görnüşi süýrenijilere, 213 görnüşi guşlara we 45 görnüşi süýdemdirijilere degişli. Bulardan süýrenijileriň 1 görnüşi, guşlaryň 23 görnüşi we süýdemdirijleriň 16 görnüşi Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Tebigaty goramak biziň her birimiziň jana-jan borjumyzdyr, şonuň üçin hem ol umumyhalk işidir.

**Şatlyk GULMEDOW,**
Gaplaňgyr döwlet tebigy goraghanasynyň hünärmeni.



# Düme şaly



Suwarylman ygalyň hasabyna ýetişdirilýän ekinlere düme diýilýär. Gawun, garpyz, kädi ýaly bakja ekinleriniň, bugdaý, arpa ýaly däneli ekinleriň yzynda düme ýetişdirilýändiginden köpleriň habary bardyr. Aslynda, mäş, künji ýaly ekinler tagt suwy berlip ekilse-de, gögerensoň, aşa suwsamasa, soňra suwarylmaýar. Suwarylanda hem az mukdarda suw berilýär. Sebäbi bu ekinler düýbünde suw durmagyny halamaýarlar, bada-bat guramak bilen bolýarlar. Şonuň üçin hem, bu ekinler suwarylanda, düýbi çala yzgar alsa ýeterlikdir. Bakja ekinleri bolan gawun-garpyz, kädi ekilende, biziň günlerimizde hem köplenç, keş çekmän suwdan gowy ganan ýere düme ekilýär. Olara diňe tagt suwy berilse, gowy hasyl berýärler. Şeýle ekilen bakja ekinleriniň süýjüligi suwarymly ekilen bakja ekinlerine garanda, has ýokary bolýar.

Bugdaý, arpa ýaly ekinler gadymy döwürlerden bäri hem düme, ýagny suwarylman diňe ygalyň hasabyna ýetişdirilipdir. Ýyl ygally gelende, daýhanlar bu ekinleri düme ekip, has gowy hasyl hem alypdyrlar. Aslynda, bu ekinler özüne zerur bolan çyglylygyň agramly bölegini ýapraklardan almagy halaýarlar. Dünýäniň köp ygal ýagýan ýurtlarynda häzirki döwürde hem suwarylman, ygalyň hasabyna bugdaý, arpa ýaly däneli ekinleriň bol hasyly ýygnalýar. Düme ýetişdirmek biziň ýurdumyzda, esasan hem daglyk ýerler üçin häsiýetli bolup durýar. Diýarymyzda düme şalynyň ýetişdirilýändigini hem aýtmak gerek. Sebäbi hemişe suwda ösýän bu ekiniň düme ekilmegi göz öňüne getirip bolmajak ýaly görünse-de, düme şalynyň ýetişdirilýändigi welin hakykat. Düme şaly diýilse-de, ol suwarylýar. Ýöne ol beýleki şalylar ýaly hemişelik suw içinde ösdürilmeýär. Düme şaly ekiljek ýer suwarylyp, gowy gandyrylýar. Taba gelensoň, ekiljek şaly tohumy suwa ezilýär. Soňra kersende ýa başga bir gapda agzy ýapylyp, ýyly ýerde goýulýar. Şine urup başlansoň, taba gelen ýere ýaňky tohumy sepip, sürlüp ekilýär. Gögerenden kyrk günden soňra ilkinji suwy tutulýar, soňra beýleki ekinler ýaly suwsap başlan wagty suwarylýar. Şeýle usul bilen şalydan bereketli hasyl almak mümkin.

Düme ekerançylygy Garagum sährasynda, gum içindäki takyrlarda daşyny maldan gorap, künji, gawun-garpyz ýaly ekinler biziň günlerimizde hem ýetişdirilýär. Tejribeli adamlaryň gürrüň bermegine görä, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagy Garagumda howanyň çyglylygynyň artmagyna getirdi. Munuň özi ygalyň köp ýagmagyna özüniň täsirini ýetirýär. Şonuň üçin hem gum içindäki takyrsow ýerlerde düme ekerançylyk üçin oňaýly şertler bar. Düme ekerançylygy — tebigy ýagdaýda ýagýan ygaldan peýdalanyp, hasyl almakda, şeýle hem suwarymly ekerançylyk meýdanlarynda suwy tygşytlamakda oňaýly usullaryň biridir. Munuň özi ata-babalarymyzyň gadymy ekerançylyk däpleriniň biziň döwrümizde hem dowam etdirilýänliginiň mysalydyr.

**Döwletmyrat DURDYÝEW,**
TAP-nyň Görogly etrap komitetiniň başlygy.



Ylym we tejribe

# ÝERALMANY ÖSDÜRIP ÝETIŞDIRMEGIŇ KADALARY

**Ýeralma oba hojalyk ekinleriniň içinde iň möhüm ekinleriň biridir. Ol ähmiýeti boýunça şaly, bugdaý, mekgejöwen ýaly azyklyk ekinler bilen deň derejede görülýär. Ýeralmanyň klubenlerinde 75 göterim suw, 25 göterim gury madda bar. Gury maddanyň 14 – 22 göterimini krahmal, 14,3 göterimini belok, 1 göterimini-de kletçatka tutýar. Klubende $B_1$, $B_6$, PP, C we K witaminleri we karbonoidleri bolýar. Ýeralma azyklyk ekin bolup, ähmiýeti boýunça çörege örän golaýdyr. Şonuň üçin oňa «ikinji çörek» hem diýilýär. Ýewropa ýurtlarynyň halklary ýeralmadan 200-den 500-e çenli tagamly naharlary taýýarlaýarlar.**



Ýeralma özüniň biologiki gymmaty boýunça beýleki ösümliklerden has ýokary derejede durýar. Eger-de towuk belogynyň ýokumlylygy 100 göterim diýip alsak, onda bugdaýyňky 65 göterim, ýeralmanyňky 85 göterime deňdir. Adam 500 gram gant şugundyryny ýa-da gaýnadylyp bişirilen ýeralma iýse, ol bir gije-gündizde özüne gerekli çalşyksyz aminokislotalaryň baryny alýar. 300 gram täzeje irki ýeralmany bişirip iýeniňde, adam bedeni özüne gerek C witaminini alýar. Täzeje köwlenip alnan ýeralma witaminlere we mineral maddalara has baý bolýar.

Ýeralmanyň örän möhüm senagat ähmiýeti bardyr. Ol krahmal, spirt, dekstrin, glýukoza, kauçuk öndürmekde esasy çig mallaryň biri bolup durýar. Ýeralmanyň krahmaly azyk, dokma, kagyz, otluçöp öndürýän we beýleki senagat pudaklarynda giňden ulanylýar.

Düzüminde 17,6 göterim krahmally ýeralmanyň 1 tonnasyndan 112 litr spirt, 55 kilogram kömür kislotasy, 1500 litr suwuk barda ýa-da 170 kilogram krahmal, 1000 kilogram lödere ýa-da 80 kilogram glýukoza we 60 kilogram gidrol alynýar.

Ýumşak we dökünlenen toprakly ýerlerde ýeralma ýokary hasyl berýär. Ýeralmanyň has ir ýetişýän hasylyny almak üçin ony töweregi açyk, kölege düşmeýän ýerlere ekmeli. Oňa ýeterlik dökün berlende, düzümi boýunça ýeňil çägesöw toprakly ýerlerde hem ýokary hilli, tagamly ýeralma berýär.

Ýeralma üçin täze açylan tarp ýerler örän amatly bolýar. Şeýle ýerlerde gowy ideg edilende, dökün bermän hem ýokary hasyl alyp bolýandygy barada maglumat bar. Agyr toýunsow, gaty dykyzlanan toprakly ýerler ýeralma üçin ýaramsyzdyr. Beýle ýerlerde ýeralma erkin ösüp bilmeýär, aşa yzgarlylygy sebäpli, ösümlikler kesellegiç bolýar. Ýeralma şorluga çydamsyz ekin bolansoň, ol şorlaşan toprakly ýerlerde bitmeýär.

Ýeralma tebigy häsiýeti boýunça ekin dolanyşygyna aşa talapkärlik bildirmeýär. Eger-de ýeralma ösümligine adaty goturlama — rezoktoniýa ýaly keseller, baldak nematodasy, kolorado tomzagy güýçli degýän bolsa, şol bir ýerde gaýtalap ekmek düzgünini berk berjaý etmeli. Eger-de ýeralmany şol bir ýere ekip durmak zerurlygy dörese, onda topragy gowy dökünlemek, ders çüýrüntgisini bermek hem-de ekilýän tohumlyk serişdäni (ýeralmany) çalt-çaltdan çalşyp durmak maslahat berilýär.

Türkmenistanyň şertlerinde ýeralmany däneli we kösükli ekinlerden, mekgejöwenden, gowaçadan we gök ekinlerden, badamjandan soňra ekmek amatly hasap edilýär. Ýeralmany ekmek üçin ýaş baglaryň hatararalaryny ulanmak bolýar.

Ýeralma üçin ýaşyl dökünleri ulanmak örän gowy netije berýär. Olar topragyň içki gurluşyny gowulandyrýar, gurplandyrýar, peýdaly mikroorganizmleriň işjeňligini artdyrýar. Olaryň hasyly artdyryşy dersden pes bolmaýar.

Ýeralmanyň özi hem köp sanly ekinler üçin (mekgejöwen, jöwen, kösükli we däneli, ýagly we süýümli ekinler) öňüsyra ekin bolup hyzmat edýär. Sebäbi ýeralmadan soňra toprak haşal otlardan arassalanýar, ýokumly maddalara baýlaşýar, ýumşaýar, içki gurluşy gowulaşýar, zyýankeşlerden we kesellerden saplanýar.

Biziň ýurdumyzda ýeralmanyň kadaly ösmegi üçin has amatly howa şertleri ir alabaharda ýaz aýlary, tomsuň yssy günleri başlaýança iýunda we güýz aýlary — sentýabr aýyndan ilkinji sowuklara — noýabr aýyna çenli bolýar.

Ýeralmany ösdürip ýetişdirmekde esasy çäreleriň biri olaryň düýplerine gum üýşürmekdir. Bu çäre hatararalarynyň ýumşak bolmagyna, ýeralmalary toprakda Günüň gyzgynyndan goramaga ýardam edýär. Bu ekinde jemi iki gezek gum üýşürmek çäresi geçirilýär.

Ýeralmany ýygnamagyň möhleti onuň bişiş döwrüniň gelşi boýunça kesgitlenýär. Onuň bişmeginiň alamatlaryny biýarasynyň gurap başlamagy, ýerasty baldaklarynyň guraşmagy we ýeňillik bilen üzülip aýrylmagy, onuň gabygynyň gatamagy bilen düşündirip bolar.

**Şemşat GAZAKOWA,**
S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň ekerançylyk kafedrasynyň mugallymy.

# Älem-jahan ýaşyl kürte geýende...



«Gaýtalanýan wakalary biz täzelik hökmünde garşylamaly bolýarys. Bu şeýle-de bolmaly, sebäbi ol täzeden gaýtalanýar».

Ýazyjynyň bu jümlelerini näme üçindir pasyllar bilen baglanyşdyrasym geldi. Onda-da şu ýaz pasly bilen. Sowuk gyşyň aňzagyndan soň onuň Zemine diriliş bolup gaýdyp gelmesi ýokmy?! Onuň ýyly deminden bütin barlyk janly herekete geliberýär. Ähli ýerde janlanyş, oýanyş başlanýar. Her paslyň bosagasyndaky günler adatdaky günlerden hökman tapawutlanýar. Ine, bu ýaňy bir pyntyk ýaryp gelen baharyň bosagasam şeýle. Ýogsa ony kimimiz ýigriminji... otuz dördünji... belki, elli bäşinji... gezek garşylaýandyrys. Şonda-da, onuň ilkinji günleri has mähriban görünýär. Bu pasyl pasyllaryň içinde tebigatyň sünnälik bilen döreden iň beýik sungat eseri bolmaly. Ol sungatyň jadysyndan diňe bir baglar däl, ynsan kalplary hem pyntyklaýar. Baglar gül, ýürekler bolsa dil açýar. Her säher Günüň ýylgyryp doguşam, guşlaryň şadyýanlyk bilen ala-zenzele bolup, jürküldeşýän seslerem bir başga indi. Hawa, bahar eýýämden tebigaty ýaşyl kürtä büredi. Sähralyklar, ynha hä diýmän, jümjümedir köz ýaly çigildemlerden dolar, pürçük-pürçük läle-reýhan bolup oturan güläleklere beslener. Ýumşak ýeller müň dürli owaz edip, olaryň başyny sypap geçer. Garry mama sanajyny kakar, asmanyň ýüzüni darka ikä bölýän ýyldyrym çakar, ýagyş ýagar, soň hem älemgoşar çykar... Baharyň iň heýjanly ýerem şunda.

Eýýämden akja kömeleklerden doly meýdanlara howlugyp barýan çagalar göz öňüme gelýär. Depäňde-hä mawy asman, aýagyň aşagynda-da Zemin. Olaryň aralygynda dury asmana garap ýatmakdan gyzykly zat ýok bolsa gerek. Islendik zady ýüregiň bilen synlanyňda ýadyňda galýar. Bu aýratyn hem tebigat gözelliklerini synlanyňda şeýle. Käteler heýjan-heseri ýetik ýazlaryň söz bilen düşündirip bolmaýan gudratyna düşünesiň, onuň bilen iç döküşesiň gelýär. Iki ýana sünňiýeňillik bilen at salýan mymyk ýelleriniň ganatyna atlanyp, tutuş dünýäni aýlanyp çykasyň, gamsyz gülkülerden ýüki ýetik çagalyk dünýäňe birje gezek hem bolsa baryp gaýdasyň gelýär. Ýeri, onsoň şeýle ýakymly duýgular bilen gelýän ýazy neneň söýmejek?! Neneň onuň her gezekki gaýtalanyşyny täzelik diýip kabul edip bilmejek?!

Bahar — dörediji. Onda zenan näzikligi deý gözellik, ene hamraklygy ýaly mähir bar. Onuň deminiň çawy degen ýerlerinden toprakdaky iň bir kindiwanja şineler hem boý almak bilen bolýar. Gelin-gyzlaryň, mährem enelerimiziň yhlasyndan bolsa iň naýbaşy nepislikler döreýär. Olaryň uz barmaklaryndan çykýan halylarda, çekilen keşdelerde tebigatyň keşbi janlanýar. Zenanlaryň bahar bägüllerine meňzedilmesi ýöne ýerden däl. Görküni gülgün göwünli ýazlardan alan käbelerimiziň, gelin-gyzlarymyzyň Halkara zenanlar güni — 8-nji mart baýramçylygy hem bahar paslynyň ilkinji günlerinde bellenilip geçilýär. Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda ýurdumyzda zenan sarpasy belent tutulýar. Her ýyl hormatly Prezidentimiziň adyndan olara pul sowgatlary gowşurylýar. Bagtyýar zenanlarymyz döwletli Diýarymyzda bagtly günleriň hözirini görüp ýaşaýarlar, halal zähmet çekýärler. Nesip bolsa, ýene sanlyja günlerden bu baýramçylygy agzybirlikde uludan belläp geçeris.

Baglaryň şaha-şaha gollaryndaky ak patrak bolup açylyp oturan güllerini synladygyňça kalbyň hyruçlanýar. Ýaşaýşyň ýene bir täze sahypasyny açýan ýazlarda ömrüňe ömür goşýan duýgular bar. Ol duýgular gaýtalandygyça süýjeýär hem täzelenýär...

**Aýşat HOJAMUHAMMEDOWA.**

# Çöl lukmany



Günüň dogýan ugruna nazaryny dikip, goýunlaryny seleň sährada aga-ýana bakyp ýören Baýrak aga içini gepletdi: «Gör-ä, türkmen sähramyzyň ajap keşbini, asty-üsti baý mekan. Munuň yrýa ýeri ýok». Ol bir gysym ak çägäni eline alyp: «Taňry türkmene tükeniksiz baýlygy eçilipdir, bu ak çägeler bu gün biziň altyn hazynamyz. Mundan bu gün, gör, näçe aýnalaryň dürli görnüşi öndürilýär» diýip, daş-töweregine garanjaklap, bu gözellige buýsandy. Sähraýy ýaýlanyň ähli depesini-düzüni, belendini-pesini bäş barmagy ýaly bilýän Baýrak aga ýatlamalara berildi. Bu ägirt uly süriniň yzynda gezip, çopançylyk kesbine bagry badaşanyna indi kyrk bäş ýyl dagy boluberipdir. Oba adamlary onuň adyny Baýramdurdy aga diýip tutsalar, öz deň-duşlary, kärdeşleri Baýrak çopan diýýärler.

Alçaklygy, wäşiligi, sahylygy, ugurtapyjylygy, kiçigöwünliligi bilen özüni halka aldyran bu nurana çopanyň bar aladasy malydy. «Malym — janym» diýip, bakýan malyny janyna deňäp, ýylyň-ýylyna olary ýyly we dok gyşlatmakda, olardan owlak-guzy almakda Baýrak aga ýoldaşlaryna görelde bolup gelýär. Akjadepe düzlüginde «Baýragyň kaşary», «Baýragyň goşy», «Baýragyň agyly», «Baýragyň sardawasy»... ine, bu atlar azaşany ýola salýan ýerlerdi.

Tomus dynç alyş günleridi. Baýrak aga bu gezek öýüne gelip, ogullarydyr agtyklaryny öz ýany bilen sähra alyp gidýänligini aýdanda, olar juda begendiler. Ogullary Söýünguludyr Atabaýyň, Çary janyň, esasanam, agtygy Hangeldiniň arzuwlary hasyl boldy. Çöle gitjek oglanlaryň uzakly gije gözlerine uky gelmedi.

Sähra ýaýlasyna çykan Baýrak aganyň agtyklary bir-de goýnuň yzynda, birde-de topar guzularyň yzynda hezil edip oýnaýardylar, atasyna kömekleşýärdiler. Ýyl ygally gelensoň, otlar dyza ýetip, gyrtyçlar däneläp başlap, şemalyň täsin ugruna geňsi ygşyldaşyp, aýratyn bir öwüşgin atyp, tebigat has-da görklenip, täsin gözellik dünýäsini döredýärdi. Bu ajaýyp täsinlikler, tebigat gözellikleri her bir ynsanyň ýüregini joşdurýardy. Sonarly meýdanlarda agyp-dönüp ýören guzuly goýunlar otluk ýerde otlap, meýdanyň otundan mazaly doýup, suwa barýan mahallary goýunlaryň sagrysy çala görünip, yzlaryndaky berre guzujyklaryň ýöräp barýan yzy tolkunly gyrtyjyň içinde üýtgeşik bir täsinligi döredýärdi.

Baýrak aga mal bakyp ýören pursady, tebigatyň ot-çöpünden köp ýyllaryň dowamynda dermanlyk üçin kän otlary ýygyp, özüne toplap gezerdi. Kyrkboguny, çopantelpegi, ýandagyň gülüni, atgulagy, syçratgyny, gyjygyjyny, boýbodrany, demirtikeni, itüzümi, ýüzärligi ýygardy-da, çopan goşunda serip guradyp, derman haltajygynda ýygnap, gerekli wagty ulanardy. Dermanlyk ot-çöplere uýgunlaşan beden hemişe ol otlardan lezzetlenip, Baýrak aganyň kellesiniň agyranyny duýan adam ýokdur. Özem ol ot-çöpleriň dermanlyk häsiýetlerini öz goşdaş çopanlaryna-da berip, olara kän kömek eden adam. Baýrak aga kitap okamaga juda höwesek adam. Sürüsi agyp-dönüp otlap ýörendir, Baýrak çopan bolsa bir takyrrajyk ýerde güneşläpjik eline ýa Magtymguly Pyragynyň ýa-da «Şasenem — Garyp» dessanynyň gat-gat kitaplaryny okap oturandyr.

— Sagbolsun, Gahryman Arkadagymyz, biz — çopanlar üçin gollanma kitaplaryny ýazýar, giden çöl-beýewanda janymyza melhem berjek, derdimize derman boljak «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitaplaryny ýanymyzdan aýramzok. Bu kitaplary okap, özümiziň bir gyzykly humuň üstünde gezip ýörenimizi bildik.

Indi otlaryň haýsy kesele ýaramlylygyny bäş barmagymyz ýaly bilýäris — diýip, Baýrak aga buýsanjyny biziň bilen paýlaşdy.

Baýrak aga hemişe çöregini iýerdi-de, soň bolsa hol oýtagrak ýerden bir gysym atgulagy terligine alyp, şondan çaý demläp içerdi. Ol muny goşdaş çopanlara-da öwretdi. Dilewarrak adamlaryň içinden oňa «Çöl lukmany» ýa-da «Tebip çopan» diýýänleri hem bar.

Bir gezek hem şeýle boldy. Goşdaş çopany Aman aga birden meýdanda goýun bakyp, mal yzynda gezip ýörkä, erbet sanjylap goşdaşyndan haraý gözläp, Baýrak aganyň ýanyna gelýär. «Çopan gardaş, em edeweri, buý-a aljag-aý» diýip, eşekden zordan düşýär. Lukman çopan: «Aman jan, seniň çynyňmy ýa-da meni barlap görýärmiň!» diýip, wäşilik bilen degişdi. Görse, näsagyň gara çynydy. Ol derrew horjunyndan dolanan bir matanyň içinde ýaşylja edip guradylyp ýygnalan otlardan alyşdyryp, ojar oduna lakyrdap gaýnaýan taňka ep-eslisini atdy-da, basyryp goýdy. Özem Aman aganyň çignini mäkäm tutup, onuň kellesine-de akja ýaglygy berk daňdy. «Ýakmaz zat iýipsiň öýdýän, içiňe ýel gapypdyr. Ine, şu melhemli çaýdan içersiň welin, tut ýaly bolar gidiberersiň» diýip, Baýrak aga gowy demini alan, otuň-çöpüň tagamy çykyp, mazaly melheme öwrülen çaýy çopana içirip, basyrdy-da: «Sen arkaýyn ýatda dynjyňy al! Mallara özüm çagalarym bilen serederin» diýdi.

Birazdan ukudan ganyp, dynjyny alan Aman aga gözüni açsa, ho-ol aňyrrakda Baýrak çopan bir sürüde, çagalar bolsa beýleki sürini öz ugruna kowup, ajap pursat bolup görünýärdi. «Bu adama, hakykatdan-da, «Eli ýeňil, çöl lukmany» diýip, ýöne ýere diýilmeýär eken. Eger ol bolmadyk bolsa men nähili güne düşerdim» diýip, içini gepleden çopan öz sürüsine tarap ýöneldi.

**Altyn BAÝRAMDURDYÝEWA,**
«Bereketli toprak».

## Krossword



**Keseligine:**

1. Çägesöw derelerde bitýän inçejik ýaprakly, ak gülli ot. 7. Daş-töweregiňe seretmek, garanjaklamak. 10. Ne güýçli, ne pes, ortagürp, ortaça. 11. Bir zatdan goranar ýaly buky ýer. 13. Daş, uzak, alys. 15. «Serçeden gorkan ... ekmez» (nakyl). 17. Müşk ýaly, ýakymly ysly jisim. 19. Bir zadyň iň kiçijik bölegi. 21. Yrgyldylaryň täsiri sebäpli döreýän we gulaga eşidilýän owaz. 22. Arap elipbiýiniň bir harpy. 23. Galla üwelýän kärhana, däne üwemek üçin enjamlaşdyrylan jaý, degirmen. 24. Iki hem şondan köp garyşyk reňkli. 25. Süýji we zeý suwlaryny akdyrmak üçin gazylan uly emeli desga. 26. Ýasy ýaprakly ýüpek gurçugyna berilýän agaç, köpýyllyk ösümlik. 27. Oba hojalygyndaky ownukly-irili dowarlar. 28. Dogry däl, nädogry, hak däl. 31. Çomujyň guran palajy. 33. Miwe. 34. Göle. 35. Kamary aý atlarynyň birinji aýynyň ady. 37. Harydyň, önümiň, zadyň gymmaty, baha. 40. Üzümiň bir görnüşi. 41. Ýagty däl, ýagty düşmeýän ýer, gije-gündiziň ýagty däl wagty.

**Dikligine:**

2. Miwe. 3. Hiç kime garaşly, tabyn bolmadyk özbaşdak adam. 4. Dini dereje, oglana dakylýan at. 5. Ýagyş. 6. «Ýylanyň ýigreneni ... ol hem hininiň agzynda gögär» (nakyl). 8. Sanawjysy we maýdalawjysy bolan matematiki aňlatma. 9. Düýäniň bir görnüşi. 12. Mal saklanýan jaý. 14. Sap ýüpekden, nah gatyşykly ýüpekden tarada dokalýan matanyň bir görnüşi. 15. Hemişe, elmydam, üznüksiz wagt. 16. Atyň, eşegiň kellesine salynýan gaýyş nogta. 18. Tarada dokalýan gyrasaryly nah mata. 20. Ygtyýar, rugsat. 29. Üzümiň tutuş bir salkymy. 30. Şalynyň içinde gögerýän gara dänelije ösümlik we onuň dänesi. 31. Ekinleriň arasynda bitýän däneli ösümlik. 32. Ýurdumyzda bir welaýat. 36. Örän güýçli ýagyş, jala. 38.Desga. 39. Miweli agaç, bag.

**Nurgeldi NURGELDIÝEW,**
Balkan welaýatynyň Gumdag şäheriniň ýaşaýjysy.

**Gazetimiziň 7-nji sanynda çykan krosswordyň jogaplary:**

**Keseligine:** 1.Watan. 3.Tumar. 5.Hazar. 7.Roý. 8.Tekje. 10.Rahat. 12.Sahap. 13.Taý. 15.Lek. 16.Çal. 17.Tor. 18.Paý. 19.Pel. 21.Gyn. 23.Çyg. 25.Hünär. 26.Tekiz. 28.Keşer. 29.Tar. 31.Asman. 32.Remel. 33.Malta.

**Dikligine:** 1.Wezir. 2.Ner. 3.Toý. 4.Rakyp. 5.Hyrat. 6.Rehil. 8.Tahyl. 9.Ekber. 11.Täk. 12.Saç. 14.Ýaý. 17.Täç. 18.Pamyk. 19.Panar. 20.Lar. 21.Gat. 22.Nokia. 24.Gapan. 25.Haşar. 27.Zamça. 29. Tal. 30.Rim.

Çar ýandan oba hojalyk täzelikleri

## 2025-nji ýylda 10 göterim bolar



Russiýa Federasiýasy ýakyn 6 ýylda Germaniýa eksport edilýän organiki oba hojalyk önümleriniň mukdaryny has artdyrmagy maksat edinýär. Ýurduň degişli ministrliginiň metbugata berýän beýanatyna görä, 2025-nji ýylda Russiýadan Germaniýa eksport edilýän oba hojalyk önümleriniň pul görnüşindäki mukdary 2 milliard ýewro golaý bolar. Şeýlelikde, häzir Germaniýanyň bazarynda 0,1 göterimlik orun eýeleýän Russiýanyň tutýan paýyny ýene-de alty ýyldan 10 göterime çenli ýetirmek meýilleşdirýär. Häzir her ýyldaky eksport önümleriniň bahasy 5 - 8 million ýewrodan geçmeýär.

**Maýa MISSEKOWA,**
S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň mugallymy.

## «Ýaşyl däliziň» ösüş depgini

Özbegistan bilen Russiýanyň arasynda hereket edýän «Ýaşyl däliz» taslamasy özüniň miwesini berýär. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen geçen ýyl iki döwletiň arasynda oba hojalyk önümleriniň eksporty 20 göterime çenli artdy.



Şol bir wagtda Russiýadan Özbegistana eksport edilýän önümleriň möçberi artdy. Bu ösüş 2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 15 göterime deň boldy. Esasy eksport önümleriniň hatarynda günebakar ýagyny we mandarini görkezmek bolar. Özbegistandan Russiýa bolsa, esasan, gök we miwe önümleri, miwe suwlary eksport edildi.

Ýakynda Moskwada bolup geçen duşuşykda iki döwletiň oba hojalyk ulgamlarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda «Ýaşyl däliz» boýunça hyzmatdaşlyklary 2019-njy ýylda has giňeltmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Iki tarap hem eksport edilýän önümleriň görnüşini artdyrmagy maksat edinýär. Şeýle hem şu ýyldan başlap, oba hojalyk tehnologiýalary babatynda hyzmatdaşlygyň ilkinji ädimleri ädiler.

**Gurbangeldi HAÝDAROW,**
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.

## Braziliýa ikinji orna geçip biler

Geçen ýyl Braziliýa pagta öndürmekde şahsy rekordyny täzeledi. Şundan ugur alyp, braziliýaly ekerançylar bu ýyl önümçiligiň gerimini has-da giňeltmekçi. Şeýlelikde, ýurtdaky gowaça meýdanlarynyň mukdary ýene-de 33 göterim, ýagny 1,56 million gektar köpeler.



Ýurduň iň köp pagta öndüriji sebiti Mato Grossodyr. Üstümizdäki ýylda sebitiň gowaça meýdanlary ýene-de 35 göterime ýakyn artdyrylar. Mato Grossodan soňra ikinji orny eýeleýän Bahiýada bolsa gowaça ekilýän meýdanlary 25 göterim köpeltmek meýilleşdirilýär.

Çaklamalara görä, bu ýyl ýurtda pagta hasylyny 28 göterime golaý artdyryp bolar. Şeýlelikde, Braziliýada bir ýylda öndürilýän pagtanyň mukdary 2,5 million tonnadan geçer.

Halkara bazarynda ornuny giňeldýän Braziliýa ýakyn ýyllarda ABŞ-dan soňra iň uly pagta eksport ediji döwlete öwrüler.

**Humaý GELDIMURADOWA,**
S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň talyby.

## Tanzaniýa ananas ýagynyň önümçiligini artdyrýar

Tanzaniýanyň hökümeti ýurtda ananas ýetişdirilýän meýdanlary giňeltmek işine çynlakaý girişdi. Şol bir wagtyň özünde ekine ideg etmekde hem döwrebap tehnologiýa daýanylýar.



Ýurtda ananas ýagynyň umumy önümçiliginiň 80 göterimi Kigoma diýlen mes toprakly ýere degişlidir. Hökümet Kigomadaky önümçiligi has-da giňeltmek bilen, ýakyn geljekde ananas ýagyny eksport ediji döwletleriň arasynda dünýä lideri bolmagy maksat edinýär. Tanzaniýanyň bu işde esasy bäsdeşi Malaýziýa. Iki döwletiň hem howa şertleri ananasdan ýokary hasyl almaga mümkinçilik berýär.

**Şirin MIRMEDOWA,**
TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrap Geňeşiniň başlygy.

BEREKETLI TOPRAK
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi

REDAKSIÝANYŇ SALGYSY: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly — 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
TELEFONLARYMYZ: kabulhana — 38-60-64 (faks); baş redaktoryň orunbasary — 38-60-87; jogapkär kätip — 38-60-67; bölümler — 38-60-70, 38-60-71.
Welaýatlardaky habarçylarymyz: Ahal — 8-64-41-28-43 (Aşgabat şäheri); Balkan — 8 00-247-31-6-83 (Bereket etraby);
Daşoguz — 8 00-349-4-49-60 (S.Türkmenbaşy etraby); Lebap — 8 00-422-3-95-59 (Türkmenabat ş.); Mary — 8 00 564-5-35-42.
Gazet her hepdäniň duşenbe güni çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Gazetiň belgisi 69508. Ölçegi A-2, möçberi 4 sahypa. Sany 60541. A-101528. Bahasy 10 teňňe.
Gazet hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň kompýuter merkezinde taýýarlandy we Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi.

Baş redaktor Azat JEPBAROW

E-mail: bereketlitoprak.tm@gmail.com